# Zenanlara sowgat beriñ gülleri!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Zenanlara sowgat beriñ gülleri! ZENANLARA SOWGAT BERIŇ GÜLLERI!



Çilläň gary eräp Günüň nuruna,
Öwsen mahalynda bahar ýelleri.
Saýlap-seçip ajabyndan ajabyn,
Zenanlara sowgat beriň gülleri.

Guşlar joşa gelip saýranda dańdan,
Bogazda gaýnadyp şirin heňleri.
Nusga bolan şapagyna säheriň,
Zenanlara sowgat beriň gülleri.

Şemal ýok ýerinden tapyp öwüsgin,
Pyşyrdanda leýlisaçyň telleri.
Ter çeçekler päk söýgüden nyşandyr,
Zenanlara sowgat beriň gülleri.

Diňe baharda däl, tomus gelende,
Maňlaýyndan burçak aldyryp deri.
Mähri bilen ýazy kemal tapdyran,
Zenanlara sowgat beriň gülleri.

Ine-de, güýz geler, bir ussat zergär
bar barlyga çaýyp tylladan zeri.
Shabatdan kemal tapar kalbyňyz,
Zenanlara sowgat beriň gülleri.

Gyşyň keşbi diňe çapgyn ýeller däl,
Akja gary bilen bezände ýeri.
Ýüregiňizde bahar pasly çyrpynar,
Zenanlara sowgat beriň gülleri.

Gözellik goşulup görmeklerine,
Dilegleri sena eýlär dilleri.
Ol alkyşlar ömrüňizi uzaldar,
Zenanlara sowgat beriň gülleri.

Jümle-jahan gözellige beslenip,
Bagtdan paýly bolar dünýä illeri.
Sag goluňyz çep gursaga goýuň-da,
Zenanlara sowgat beriň gülleri.

Döwletmyrat NURYÝEW. Goşgular